**“Tassyklaýaryn”**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar**
**we informatika institutynyň rektory**
**________________ N.A.Kuliýew**
**“19” noýabr 2022ý.**

**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynda Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda programma üpjünçiligi boýunça “Ýaş zehinli programmaçy” atly bäsleşigi hakynda**

**DÜZGÜNNAMA**

**1.** Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika instituty orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda “Ýaş zehinli programmaçy” atly bäsleşigi geçirmegi meýilleşdirýär. Bu hakynda Düzgünnama okuwçylaryň arasynda bäsleşigiň (mundan beýläk bäsleşik) geçirilişini düzgünleşdirýär.

**2.** Bäsleşik Bitaraplyk baýramçylygy mynasybetli geçirilýär.

**3.** Bäsleşigi, dekabr aýynyň birinji on günlüginde geçirmek göz öňüne tutulýar.

**4.** Bäsleşigi geçirmegiň esasy maksady şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- programma üpjünçiligini işläp düzmek bilen meşgul bolýan ýaşlaryň özbaşdak işlemek endiklerini ösdürmek, döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmak, olaryň esasy dersleri öwrenmeginiň hilini ýokarlandyrmak;

- programma üpjünçiligini işläp düzmäge höwesli zehinli ýaşlary ylmy we hünär döredijiligine, ylmy-barlag we önümçilik işine çekmek;

- mekdepde alan bilimlerini we endiklerini amaly taýdan ulanmaklyryna ýardam bermek:

- mekdep okuwçylaryň işläp düzýän programma üpjünçiliklerini halk köpçüligine ýetirmek we açyp görkezmek;

- önümçilige ornaşdyrmak üçin mynasyp programma üpjünçiliklerini saýlap almak.

**5.** Bäsleşige ýurdumyzyň orta okuw mekdeplerinde bilim alýan okuwçylar gatnaşyp bilerler.

**6.** Bäsleşigiň şertleri:

Bu bäsleşikde emin agzalary okuwçylaryň zähmet usullaryny, her bir işiniň tehnologiki sowatlylygyny, ýumuşyň wagtynda we dürs ýerine ýetirilişine gözegçilik edýärler, tehniki howpsuzlygyny we zähmeti goramak talaplaryny berjaý etmeklik baradaky wagyz işlerini ýerine ýetirýärler. Bäsleşigiň tertibine seredip emin agzalar netije bererler.

Bäsleşigiň ýumuşy dürli derejeli programma üpjünçiliklerini işläp düzmegiň endiklerini barlamak üçin gönükdirilendir. Bäsleşige gatnaşyjy, bäsleşikde berlen ýumuşy programmirleme dilleriň islendiginde ýerine ýetirip biler.

Bäsleşigiň gatnaşyjylary şulary ýerine ýetirmelidir:

- Programma üpjünçiligini işläp düzmeli;
- Programma üpjünçiliginiň müşderi bölegini işläp düzmeli;
- Programma üpjünçiliginiň serwer bölegini işläp düzmeli;

## 7. Görkezijiler boýunça bahalandyrma

Bu bölümde baha kriteriýalary we goýlan bahalaryň sany (garaýyşlar we bahalar) kesgitlenilýär. Emin agzalar hünär garaýşyny (subýektiw) geçirmelidirler. Adatça bu hil hakyndaky garaýyşdyr. Aşakdaky tablisa görkezilen görkezijiler boýunça emin agzalaryň berip bilýän iň ýokary utuklary görkezilýär:

| T/b | Baha berilýän görkezijiler | Baha |
|---|---|---|
| 1. | Programma üpjünçiliginiň tizligi | 10 |
| 2. | Programma üpjünçiliginiň göwrümi | 10 |
| 3. | Programma üpjünçiliginiň ýönekeýligi | 10 |

### 7.1. Ýumuşy bahalandyrmak üçin görkezijiler

- Programma üpjünçiliginiň tizligi

Programma üpjünçiligini işläp düzüjiniň öňünde duran meseleleriň çözüliş derejesine, ýalňyşlyklaryň ýoklugyna, iş ýerini, bukjalaryň düzümini, bäsleşigiň düzümini, bäsleşigiň ýumuşyna laýyklykda bukjalaryň we faýllaryň atlaryny guramak boýunça gözükdirmeleriň ýerine ýetirilmegine, ulanylýan salgylaryň, berlen loginleriň we parollaryň dogrulygyna, programma üpjünçiliginiň iş tizligine baha berilýär.

-Programma üpjünçiliginiň göwrümi

Işlenip düzülen programma üpjünçiliginiň kompýuterde tutýan ýeri we programmanyň işe goýberilen mahalynda, kompýuterde ulanýan resurslarynyň möçberine baha berilýär.

-Programma üpjünçiliginiň ýönekeýligi

Programma üpjünçiligine ulanyjy göz bilen seredilende, operasion ulgamlaryň görnüşlerine we işlenip düzülen programma zerur bolan goşmaça paketleriň görnüşlerine garamazdan, programma üpjünçiligini işletmegiň we özgertmegiň ýönekeýligine baha berilýär.

**8.** Bäsleşikde ulanmaga rugsat berilýän we gadagan edilýän zatlar

Gatnaşyjy ýany bilen getiren şu zatlary ulanyp bilýär:

- şahsy kompýuter;
- islendik dildäki klawiaturany;
- klawiatura üçin dil faýllaryny;
- syçanjyk;

Meýdançada gadagan edilýän zatlar:

Bäsleşige gatnaşýanlar tarapyndan getirilen ähli zatlar bilermenler tarapyndan içerki ýatda saklaýjy gurluşlaryň bardygy boýunça barlanyp bilner. Şeýle gurluşlar tapylan ýagdaýynda olar wagtlaýynça bäsleşik tamamlanýança alynjakdyr. Bäsleşigiň dowamynda gatnaşyjylara bäsleşik meýdançasyndan çykmak gadagan edilýär.

Mundan başga şulary getirmek we ulanmak gadagandyr:

- Goşmaça modullar we frameworklar (ýerine ýetirilen ýumuş gatnaşyjylaryň doly derejede özleri tarapyndan ýerine ýetirilmeli. API, framework, modul we ş.m ulanylmaly däl);
- mobil telefonlary;

**9.** Bäsleşige gatnaşyjylar şu aşakdakylary göz öňüne tutmalydyr:

- öndürijiniň gözükdirijisine laýyklykda ähli enjamlary howpsuz ulanmagy;

**10.** Bäsleşik ýumuşyny ýerine ýetirmek üçin berilýän wagt

Bäsleşik ýumuşyny ýerine ýetirmek üçin onuň çylşyrymylylygyna laýyklykda 3 sagat berilýär. Ýumuş wagtyndan öň ýerine ýetirilen ýagdaýynda ol eminlere görkezilip bilner, emma onuň tiz ýerine ýetirilmegi üçin hiç-hili artykmaçlyk göz öňünde tutulmaýar. Wagtynda tamamlanmadyk ýumuşlar, bellenilen wagt geçenden soň, gatnaşyjynyň islegine görä eminlere şol görnüşde tabşyrylýar.

**11.** Bäsleşige gatnaşyjynyň berlen bahadan närazy bolan ýagdaýynda garaşsyz ekspertleriň gatnaşmagynda arza-şikaýat topar döredilýär. Topar agzasy seljerip, degişli çözgüdi çykarýar, eger berlen baha hakykatdan-da nädogry bolsa, eminler toparynyň goýan bahasyny üýtgetmegi teklip edýärler, şeýle ýagdaýda çözüw ses bermek arkaly amala aşyrylýar bahanyň üýtgedilmegi barada beýan ýazylýar. Beýana arza-şikaýat toparynyň we eminler toparynyň ähli agzalary gol çekýärler. Toparyň çözgüdi täzeden seredilmeýär.

**12.** Bäsleşigiň ýeňijilerini kesgitlemek.

Bäsleşigiň ýeňijileri eminleriň goýan ballaryny jemlemek we olaryň köplügi boýunça kesgitlenilýär. Bäsleşigiň netijeleri boýunça 10 (on) ýeňiji kesgitlenilýär. Bäsleşigiň ýeňijileri Hormat hatlar we gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanýar.

***Habarlaşmak üçin:***

***+99365043818 Suwhanow D.***

***+99365010744 Annaýew B.***